# Ysraýyly tanamak

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ysraýyly tanamak YSRAÝYLY TANAMAK




**Mansur Abbas** (1974 ý.d.)…
Diş lukmany… Ysraýylly arap-musulman syýasatçy… Birleşen Arap Sanawynyň (RA’AM) başlygy…
Ysraýylyň mejlisi – Knessetde partiýasyna üç halk deputaty-egindeşi bilen wekilçilik edýär.
Dini konserwatiw-syýasy garaýşa eýe M.Abbas Ierusalimiň Ibrany uniwersitetinde okap ýörkä, “Palestinada arap-yslam döwletini” gurmagy maksat edinýän “Yslam hereketiniň” ýolbaşçysy **Abdylla Nimar Derwüş** bilen tanyşdy.
2007-nji ýylda Birleşen Arap Sanawynyň baş sekretarlygyna, 2010-njy ýylda “Yslam hereketiniň” günorta şahamçasynyň başlygynyň kömekçisi wezipesine bellendi, 2019-njy ýylda halk deputatlygyna saýlandy.
Başgalardan tapawutly syýasatçy… Ysraýylyň **“Ybraýymyň ylalaşmalary”** diýlen Birleşen Arap Emirlikleri (BAE), Bahreýn ýaly ýurtlara ysnyşma syýasatyna goldaw berdi. Bu ýakynlaşmalaryň-gepleşikleriň aňyrsynda Ysraýylyň premýer-ministri **B.Netanýahu** bilen **D.Trampyň** körekeni **Jared Kuşner** bardy. Ylalaşyga Saud Arabystanynyň, Marokkonyň, Omanyň we Sudanyň hem goşulmagyna garaşylýar. Bu ýurtlar iň soňky gezek 2021-nji ýylyň 27-nji martynda **Halkara Holokost-Jöhit genosidini** ýatlama gününde tegelek stoluň başyna jemlendi.
Hawa, M.Abbasyň syýasy pozisiýasy diýseň üýtgeşik… Ol **“Kanal 20”** teleýaýlymyna beren interwýusynda arap-ysraýyl

jemgyýetiniň peýdasy üçin sionist partiýalar bilen hyzmatdaşlyk etmegiň tarapdary. Ýagny, ol “koalizasion hökümetde bolmaly” diýýär.
Gaharlanmaga howlukmaň! On ýedi ýaşyndan bäri metjitlerde wagyz edýän bir musulmandan söz açýarys…
Aslynda… şuny diýmek isleýärin:
Ysraýyl hakynda biziň ýurdumyzyň adamlary näçeräk maglumatlary bilýär?



■ **AÝMAN ODE**

**Aýman Ode** (1975 ý.d.)…
Aklawjy… ysraýylly arap-musulman syýasatçy… Parahatçylyk we deňlik üçin demokratik frontyň (HADASH) ýolbaşçysy…
Ysraýylyň mejlisi – Knessetde bileleşik hereketine bäş halk deputaty-egindeşi bilen wekilçilik edýär.
1998-nji ýylda Haýfa şäher geňeşine saýlanyp, syýasata aralaşdy. 2015-nji ýylda partiýanyň başlygy boldy. Şol ýyl Ysraýyldaky arap partiýalaryň (Balad, Ta’al, Arap Demokratik partiýasy, Birleşen Arap Sanawy) bileleşmesi bilen halk deputatlygyna saýlandy.
**“Foreign Policy”** žurnalynda dünýäniň saýlama akyldarlarynyň birinji ýüzlügine giren A.Ode jöhitler bilen bile hereket etmegiň gerekdigini ýygy-ýygydan agzaýar…
Jöhitleriň ösen arap medeniýetiniň kemala gelmeginde oýnan uly rolunyň inkär edip bolmajakdygyny aýdýar…
Ol “Bu ýurta göz görünmeýänlere wekilçilik edýäris we şolar üçin ses berýäris. Diňe araplara däl, jöhitlere-de ähli adamzada umyt ýalkymyny berip biljek işleri edýäris” diýýär…
“Ýaragsyz palestin göreşiniň” tarapdarydygyny aýdýar…
Derrew “ýumrugyňyzy” gezejek bolmaň:
Garşyňyzda 2000-nji ýylyň Ikinji intifadasynda on ýedi ýaşly

oglan doganyndan jyda düşen, Ysraýylyň içerki howpsuzlyk gullugy “Shin Bet”-iň telim gezek soraga çeken, Ysraýylyň Negew çölündäki çarwa **“Ebu Alkan”** taýpasynyň ýaşaýan **Umm al-Hiran obasynyň** ýykylmagyna garşy gidendigi üçin tyg uçly gülle bilen urulan bir arap-musulman lideri bar…
Ýeri… Ysraýyl hakynda näçeräk zatlary bilýärsiňiz?



■ **DÜÝP SEBÄP**

Soňky nesliň arap-musulman syýasatçylary Ysraýylda “at dabradýar”!
Bu syýasy strategiýa “Likud” ýaly sagçy-dinçi partiýalaryň syýasy manýowr çägini daraldýar.
Öwrenşilen-werziş bolnan duşmançylykly haýbat atmalaryň hasabyna 2009-njy ýyldan bäri premýer-ministriň kürsüsinde oturan Netanýahunyň güni indi kynlaşyp başlady. Oňa ses berýänleriň sany 44,4%-den 24,2%-e çenli peseldi!
Ysraýyl soňky iki ýylda dört gezek saýlaw sandyklarynyň başyna geçdi. 120 agzaly parlamentde hökümeti düzmek üçin 61 halk deputatyny toplamak hiç bir partiýa başartmaýandygy üçin koalizasiýany-da gurmak mümkin däl.
Aprel aýyndaky saýlawlarda Mansur Abbasyň ýolbaşçylygyndaky Ra’am partiýasy garaşylmadyk netijäni görkezip, hökümet düzüminiň gurulmagy üçin aýgytlaýjy rol oýnap biljek pozisiýa geldi.
Şübhesiz… jöhit döwletinde musulman-arap partiýasynyň ýer almagyna B.Netanýahu sowuk seretdi. Prezident **Reuwen Riwliniň** koalizasion hökümeti düzmek üçin beren 28 günlük kanuny möhletiniň soňunda – 5-nji maýda özüne berlen wezipäni ýerine ýetirip bilmän, yzyna tabşyrdy…

Prezident Riwlin bu gezek işi “Gelejek bar” (“Yesh Atid”) partiýasynyň başlygy **Ýair Lapide** ynandy. Lapid geçirilen ilkinji duşuşyklarda 56 halk deputatynyň goldawyny aldy. Baryýogy bäş deputat ony goldamakdan saklandy…
Köpçüligiň gözi dört deputaty bolan Ra’am partiýasynyň başlygy Mansur Abbasa dikildi. Köpçüligiň gözi alty deputaty bolan Hadash partiýasynyň başlygy Aýman Odä dikildi.
Birdenem: musulmanlaryň iň eziz göryän aýlarynyň biri bolan Remezan aýynda Ysraýylda “kimdir biri” prowokasiýa düwmesine basdy: Musulman araplaryň köpçülikleýin agzaçar etmegine päsgelçilikler döredildi. Şeýh Jerrah raýonynda ýaşaýan musulman araplary zorlukly göçürdiler. Soňky gezegem **“Aksa” metjidine** hüjüm etdiler. Agyr ýaragly çaknyşyklar dowam edýär…
Şuny ýatdan çykarmaň: Uruş – syýasaty mümkin kylýan realitetdir.
Netanýahu-Bibi häkimiýeti ardurja elden bermejege meňzeýär.

Soner ÝALÇYN.

“SÖZCÜ” gazeti, 13.05.2021 ý. Publisistika